
TÜRKMEN
TÜRKÇESİ






# TÜRKMEN TÜRKÇESİ

## TÜRKMENCE OKUMA VE ANLAMA İLE İLGİLİ DERSLER

**TL 2043 TÜRKMEN TÜRKÇESİ OKUMA-ANLAMA I**
(TÜRKMEN TÜRKİSH READİNG COMPRHENSİON I)



**TL 2048 TÜRKMEN TÜRKÇESİ OKUMA-ANLAMA II**
(TÜRKMEN TÜRKİSH READİNG COMPRHENSİON II)





TÜRKMEN
TÜRKÇESİ

# TÜRKMEN TÜRKÇESİ

TÜRKMENCE OKUMA VE ANLAMA İLE İLGİLİ DERSLER

**DÜŞÜNMEK ÜÇİN**

- OKAP BİLMELİ
- DİŇLÄP BİLMELİ
- AŇLAP BİLMELİ



# TÜRKMEN TÜRKÇESİ

| Ders Kodu | Yarıyıl | Ders Adı | T/U/L | Türü | Öğrenim Dili | AKTS |
|---|---|---|---|---|---|---|
| TL 2043 | 1 | Türkmen Türkçesi Okuma-Anlama I | 2 | | Türkmence | 3 |

**Dersin amacı**,

- ***öğrencinin kendisiyle,***
- ***ailesiyle,***
- ***çevresiyle ve***
- ***özel günlerle***

**ilgili metinleri okuma anlama becerilerini geliştirmektir.**





# TÜRKMEN TÜRKÇESİ

## EDEBİYATLAR VE DİĞER KAYNAKLAR


BABAYEV, K., (1972) Türkmen Diliniň Praktiki Stilistikası. Aşgabat.
BABAYEV, K., (1982) Resmi Dokumentleriň ve Iş Kagyzlaryň Dil Medeniyeti. Aşgabat.
BABAYEV, K., (1983) Diliň Obrazlı Şerişdeleri. Aşgabat.
BABAYEV, K., (1983) Dokumentleriň ve Iş Kagızlarınıň Türkmen Dilinde Yazılışı. Aşgabat.
BABAYEV, K., (1983) Türkmen Diliniň Stilistikası. Aşgabat.
BABAYEV, K., (1989) Türkmen Diliniň Stilistikası. Aşgabat.
GELDİMIRADOV, A., (1983) Türkmen Edebi Dilinde Variantlaşma. Aşgabat:Ilım.
NEPESOV, G., (1993) Türkmen Edebi Diliniň Publisistik Stili. Aşgabat.
NIYAZOV, S., (1994) Stilistikanı Övretmegiň Esasları. Aşgabat.
ŞIHIYEVA, O., (1996) Türkmen Dili ve Sözleyiş Sungatı.
TÄÇMIRADOV, T., (1976) Türkmen Edebi Diliniň Orfografiyasınıň Sovet Dövründe Formirlenişi.Aşgabat.
TÄÇMIRADOV, T., (1978) Türkmen Diliniň Orfoepik Sözlügi. Aşgabat.
TÄÇMIRADOV, T., (1979) . Dil Medeniyetiniň Meseleleri. Aşgabat.
TÄÇMIRADOV, T., (1979) Türkmen Sözleýiş Medeniyeti Boyunça Oçerkler. Aşgabat.
TÄÇMIRADOV, T., (1980) Sözleyiş Medeniyetiniň Aktual Meseleleri. Aşgabat.
TÄÇMIRADOV, T., (1988) Türkmen Sözleyiş Medeniyetiniň Käbir Meseleleri. Aşgabat.
JANOS SİPOŞ (2012) TÜRKMEN KÜLTÜREL ARAŞTIRMALARI CD-I,II
TÜRKMEN RADİYO OYUNLARI (2011) Türkmen Türkçesinde CD-I,II
GARABAYEV, B., (1994) Türkmençe-Türkçe Gepleşik Sözlügi. Aşgabat: Gözyetim.
GÜCÜKOV, S., (1997) Alkışlar-Dilegler Sözlügi. Aşgabat.
DURDIYEV, H., (1993) Gözellik: Estetiki Söhbet. Aşgabat: Magarıf.
SARIYEV, B., (1994) Türkmen Sözleyşiniň Altın Sözlügi. Aşgabat:Magarıf.



# OKUMA-ANLAMA



## SUNGAT BILEN BAGLANYŞYKLY TEKSTLER

**8-nji hepde üçin tekstleri tapyň: «TYLLA ÖWÜŞGINLI ZYNATLAR»**



# OKUMA-ANLAMA



**TYLLA ÖWÜŞGINLI ZYNATLAR**

Baý milli mirasymyzy hemmetaraplaýyn öwrenmek we geljekki nesillerimize ýetirmek üçin gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýan zergärlik sungatymyzy täze öwüşginler bilen baýlaşdyrmaga saldamly goşant goşýan zergärleriň biri-de Salam Nuryýewdir. Onuň döredijilik ussahanasynda taýynlap, ýurdumyzda giňden bellenilýän milli toý-baýramlarymyz mynasybetli guralýan sergilerde görkezýän şaý-sepleri bu günki gün-de öz tyllaýy öwüşginleri bilen gadymy we müdimi sungatymyzyň täze galkynyşa eýe bolandygynyň aýdyň alamatydyr.



# OKUMA-ANLAMA



Gadymy zergärler täze işe başlanlarynda, biri-birlerine «Hünärli çeşmäň egsilmesin!» diýip, ýagşy dileg edipdirler. Şeýle ýagşy dileglere eýerýän zergäriň öz iş usuly bar: ussatlaryň mähir-yhlas siňdirip ýasan gadymy nusgaly bezeg zynatlarynyň asyl nusgasyny ýoýman, olary täzeden işläp, döwrebap şaý-sepleri ýasamak. Ol öz döwründe milli medeniýetimiziň, sungatymyzyň ösmegine saldamly goşant goşan halypa zergärlerden miras galan dürli bezeg zynatlaryny içgin öwrenýär. Nepisligi, kämilligi bilen uzak asyrlar aşyp, biziň günlerimize gelen ajaýyp bezegleriň göz gamaşdyryjy gözelligine maýyl bolýan zehinli zergär ussat halypalaryň nusgalyk ýol-ýörelgelerini uly abraý bilen dowam edýändigine buýsanýar.



# OKUMA-ANLAMA



Milli zergärlik sungatymyzda öçmejek yz galdyran Paşaguly Amangulyýew, Muhammetoraz Annaamanow ýaly ussat halypalardan tälim alyp, olaryň bu ugurda bitiren bimöçber hyzmatlaryndan ruhlanyp, gadymy nusgaly zynatlary kämilleşdirmekde gujur-gaýratyny gaýgyrmaýan zergäriň döredijilik gözlegleri barha giň gerime eýe bolýar. S.Nuryýew ýurdumyzyň daşary döwletlerde geçirilýän Medeniýet günlerine gatnaşyp, dostlukly döwletleriň sungat muşdaklaryny milli senedimiziň ajaýyp nusgalary bilen ýakyndan tanyşdyrýar. Daşary ýurtlarda belent ruha beslenip geçirilen halkara derejesindäki medeni çäreler arkaly dostlukly döwletleriň sungat muşdaklary halkymyzyň uzak asyrlaryň dowamynda kämilleşdiren milli senedi barada giňişleýin düşünje alýarlar.



# TÜRKMEN TÜRKÇESİ





## Ýurdumyzda Bedew baýramçylygy mynasybetli geçirilen çäreler



**Ýurdumyzda Türkmen bedewiniň baýramçylygy uly dabaralara beslendi. Behişdi bedewlere bagyşlanan çäreler bu ugur boýunça guralan sergileri, maslahatlary, çapyksuwarlaryň bäsleşiklerini, döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Aşgabadyň atçylyk sport toplumynda täze açyk manežiniň açylyşyny, Halkara ahalteke sport toplumynda guralan çäreleri we Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň “Kärizek” geňeşliginde gurlan döwrebap Aba Annaýew obasynyň açylyş dabaralaryny özünde jemledi.**



# TÜRKMEN TÜRKÇESI





## Ýurdumyzda Bedew baýramçylygy mynasybetli geçirilen çäreler

Paýtagtymyzda geçirilen Halkara ahalteke assosiasiýasynyň VI mejlisine, Halkara sergi-ýarmarkasyna hem-de “Türkmen bedewi we dünýäniň seýisçilik sungaty” atly VIII Halkara ylmy maslahatyna dünýäniň onlarça döwletlerinden wekiller gatnaşdy.





TÜRKMEN TÜRKÇESİ





## Ýurdumyzda Bedew baýramçylygy mynasybetli geçirilen çäreler

23-nji aprelde Ahalteke atçylyk toplumynda ahalteke bedewleriniň halkara gözellik bäsleşiginiň jemleýji tapgyry, sungat eserlerinde behişdi bedewleri iň gowy wasp eden döredijilik işgärleriniň arasynda guralan bäsleşigiň ýeňijilerine sylaglary gowşurmak dabarasy boldy. Ahalteke bedewleriniň arasynda “Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi” diýen ady almak ugrunda geçirilen gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi diýlip, Beghan atly bedew yglan edildi we onuň seýsi P.Baýramdurdyýewe Türkmenistanyň Prezidentiniň baş baýragy — ýeňil awtoulagyň açary hem-de göçme kubok we Aba Annaýew obasyndaky täze ýaşaýyş jaýynyň açary gowşuryldy.





# TÜRKMEN TÜRKÇESİ





## Ýurdumyzda Bedew baýramçylygy mynasybetli geçirilen çäreler

24-nji aprelde bolsa Aşgabadyň golaýyndaky Halkara atçylyk sport toplumyna müňlerçe türkmenistanlylar, köpsanly daşary ýurtly myhmanlar, daşary döwletlerden gelen wekiliýetleriň agzalary ýygnandylar.

Bu ýerde giň möçberli baýramçylyk ýagdaýy emele geldi. Ol halkyň ruhy galkynyşyny, giň möçberli dabaralary özünde jemläp, ýokary döwlet derejesine eýe boldy hem-de milli däpleriň özboluşlylygyny, gözelligini, halkymyzyň gadymy geçmişi, häzirki durmuşy we geljekki rowaçlyklary bir ýere jemlendi.

Toplumyň çäginde milli amaly-haşam sungatynyň eserleriniň, halk senetkärçilik işleriniň, ahalteke bedewleriniň keşbi şekillendirilen surat eserleriniň sergisi ýaýbaňlandyryldy.












## Ýurdumyzda Bedew baýramçylygy mynasybetli geçirilen çäreler

Baýramçylyk mynasybetli geçirilen çapyşyklaryň bäşinjisinde dört we uly ýaşar bedewler 2200 metr aralyga goşuldylar. Çekeleşikli geçen bu çapyşykda Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugyna degişli Tamaly atly gara-dor bedew ikinji bolup geldi. Bellenilen aralyga 2 minut 30,8 sekunt wagt görkezen Tamalyny J.Hydyrow çapdy. Ýeňijileriň hatarynda Gümrük gullugyna hem hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyndan ýeňil awtoulag sowgat berildi.












## NOWRUZ BAÝRAMY

Agzybirligiň, jebisligiň baýramy bolan Nowruz baýramy dünýä halklarynyň nazarynda hem nusgawy gymmatlyga öwrüldi. Muňa 2016-njy ýylyň 30-njy noýabrynda Owganystan, Azerbaýjan, Hindistan, Eýran Yslam Respublikasy, Yrak, Gazagystan, Gyrgyzystan, Özbegistan, Päkistan, Täjigistan, Türkmenistan, Türkiýe döwletler topary tarapyndan hödürlenen “Nowruz baýramçylygynyň” ÝUNESKO-nyň “Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna” girizilmegi aýdyň şaýatlyk edýär. Bu guwandyryjy waka Nowruzyň umumadamzat gymmatlygyny özünde jemleýän baýramdygyny dünýä äşgär etdi.









# KÜŞTDEPDI AÝDYM WE TANS DESSURY

**2017-nji ýylyň 4-9-njy dekabry aralygynda Koreýa Respublikasynyň Çeju adasynyň Çeju şäherinde ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy gorap saklamak baradaky Hökümetara komitetiniň nobatdaky 12-nji mejlisi geçirildi. Mejlisiň dowamynda “Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna” goşmak üçin Türkmenistan tarapyndan hödürlenen “Küştdepdi aýdym we tans dessurynyň” resminamasynyň talaplara laýyklygy gözden geçirilip, Hökümetara Komitetiniň ähli agzalarynyň biragyzdan goldamagy esasynda, 2017-nji ýylyň 7-nji dekabrynda “Küştdepdi aýdym we tans dessury” ÝUNESKO-nyň “Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna” girizildi.**












## GÖROGLY DESSANÇYLYK SUNGATY

2015-nji ýylyň 30-njy noýabry – 4-nji dekabry aralygynda Namibiýa Respublikasynyň Windhuk şäherinde ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy gorap saklamak baradaky Hökümetara Komitetiniň 10-njy mejlisi geçirildi. Mejlisiň dowamynda “Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna” goşmak üçin Türkmenistan tarapyndan hödürlenen “Görogly dessançylyk sungatynyň” resminamasynyň talaplara laýyklygy gözden geçirilip, Hökümetara Komitetiniň ähli agzalarynyň biragyzdan goldamagy esasynda, 2015-nji ýylyň 2-nji dekabrynda “Görogly dessançylyk sungaty” ÝUNESKO-nyň “Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna” girizildi.












**Türkmen halysy — gözelligiň we beýik sungatyň nusgasy**

Paýtagtymyzda her ýyl maý aýynyň soňky ýekşenbesinde giňden bellenilýän uly ählihalk baýramynyň öňýanynda “Gözellik nusgasy — türkmen halysy” atly halkara serginiň açylyş dabarasy boldy. Pudaklaýyn gözden geçirilişi “Türkmenhaly” döwlet birleşigi hem-de Söwda-senagat edarasy guradylar.














Gözbaşyny ony döreden halkyň bäş müň ýyllyk taryhynyň jümmüşinden alyp gaýdýan bu täsin gadymy sungatyň üýtgewsiz ähmiýetiniň nyşany bolan Türkmen halysynyň baýramy Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hem türkmenistanlylaryň häzirki nesilleri üçin ata-babalarymyzyň wesýet eden ruhy gymmatlyklaryna, özboluşly gadymy däp-dessurlaryň dowamlylygyna ygrarlylygy alamatlandyrýar.












Ähli şäherlerde we obalarda guralan döredijilik duşuşyklary, çeperçilik sergileri hem-de aýdym-sazly çykyşlar esasy dabaralaryň özboluşly başlangyjy boldy, bu çäreler türkmen halylarynyň deňsiz-taýsyz gözelligine hem-de olary döredýänleriň inçe zehinine, çeper elli halyçy zenanlarymyzyň belent zähmet edermenliklerine bagyşlandy.



**TÜRKMEN TÜRKÇESİ**





## Türkiýe Respublikasynda Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň açylyş dabarasy

10-njy iýulda Türkiýe Respublikasynyň Siwas şäherinde Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň açylyş dabarasy we ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň konserti boldy. Döredijilik çäresiniň çäklerinde ýurdumyzyň amaly-haşam sungatynyň eserleriniň, muzeý gymmatlyklarynyň sergisi öz işine başlady. Şäheriň kongres binasynda bolsa türkmen kinofilmleri görkezildi.



TÜRKMEN TÜRKÇESİ





## Türkiýe Respublikasynda Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň açylyş dabarasy

Gadymy Siwas şäheri doganlyk ýurduň wekillerini myhmansöýerlik bilen garşylady. Ýerli kitaphananyň binasynda geçirilen medeni forumyň açylyş dabarasynda bellenilişi ýaly, iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň — Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de Türkiýe Respublikasynyň Baştutany Rejep Taýyp Ärdoganyň tagallalary bilen ähli ugurlarda bolşy ýaly, medeniýet, bilim, ylym, milli mirasy goramak, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we ýaşlar syýasaty ýaly ugurlar boýunça hem hyzmatdaşlyk ösdürilýär.



# TÜRKMEN TÜRKÇESİ





Medeniýet ulgamynda köpýyllyk hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesi ynsanperwer ulgamda özara gatnaşyklaryň gurallaryny kämilleşdirmek, bilelikdäki taslamalary we çäreleri, şol sanda saz, folklor we teatr festiwallaryny, dürli sergileri we bäsleşikleri geçirmek üçin uly mümkinçilikleri açýar. Dabara Türkiýe Respublikasynyň köp sanly medeniýet we sungat işgärleri, taryhçylar, sungatşynaslar we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleri gatnaşdylar.